Türkmenistanyň Prezidentiniň
2026-njy ýylyň 13-nji aprelinde
çykaran 1776-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işi hakynda 2026–2028-nji ýyllar üçin**
# ÝOL KARTASY

«Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işi hakynda 2026–2028-nji ýyllar üçin Ýol kartasy» (mundan beýläk – Ýol kartasy) «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna», «Bitarap Türkmenistanyň 2022–2028-nji ýyllar üçin daşary syýasy ugrunyň konsepsiýasyna», Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny ösdürmegiň maksatnamalaryna, «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak we yzygiderli ösdürmek Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň esasy we ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Ýol kartasy halkara maliýe institutlary bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmak boýunça möhüm wezipeleri we çäreleri öz içine alýar.

Häzirki döwürde halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamy oýlanyşykly we toplumlaýyn çemeleşmegi talap edýän düýpli özgerişleri başdan geçirýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýol kartasynda Türkmenistanyň maliýe pudagynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek we berkitmek boýunça täze oýlanyşykly çemeleşmeler, innowasiýalara daýanýan usullar we gurallar göz öňünde tutulýar. Ýol kartasy bütindünýä we sebitleýin ösüşiň häzirki meýillerini, täze geoykdysady ýagdaýlary, öňde durýan toplumlaýyn çäreleri we ugurlary hasaba almak bilen işlenip düzüldi.

Umumylaşma şertlerinde ýurduň uzakmöhletleýin durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekde maliýe pudagynda halkara hyzmatdaşlygyna ulgamlaýyn esasda we oýlanyşykly çemeleşmek meseleleriniň ähmiýeti has-da artýar hem-de halkara maliýe institutlary bilen ýakyndan ýola goýlan hyzmatdaşlyk ýurduň bütindünýä ykdysady giňişligine netijeli goşulmagyny üpjün edip biler.

Mälim bolşy ýaly, halkara maliýe institutlary ösüşi üpjün etmek boýunça halkara hyzmatdaşlygynda möhüm orun eýeleýärler hem-de bu guramalar agza ýurtlarynyň we hyzmatdaşlarynyň ykdysady taýdan durnukly ösmegine ýakyndan ýardam berýärler.

Halkara maliýe institutlary halkara maliýe ulgamynyň möhüm düzümleriniň biri bolmak bilen, ösüp barýan we geçiş tapgyrdaky ykdysadyýetli ýurtlar babatda zerur bolan maliýe serişdeleriniň esasy çeşmesi bolup durýarlar.

Halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamynda möhüm orny eýelemek bilen, halkara maliýe institutlary Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegine düýpli täsir edýärler. Häzirki wagtda Türkmenistan köptaraplaýyn halkara pul-karz we maliýe institutlarynyň birnäçesiniň agzasy bolup durýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy baradaky döwlet syýasaty, ilkinji nobatda, bu guramalara agza bolmakdan gelip çykýan oňyn mümkinçiliklerden we artykmaçlyklardan netijeli peýdalanmaga gönükdirilendir hem-de olar bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk diňe bir içerki ähmiýetli aýry-aýry maksatnamalary we taslamalary maliýeleşdirmek üçin zerur bolan karzlary almak bilen çäklenmän, bütindünýä ykdysady giňişliginde milli bähbitleri netijeli durmuşa geçirmäge ýardam berýän wezipeleriň bitewi toplumy hökmünde çykyş edýärler.

Türkmenistan bilen halkara maliýe institutlarynyň arasynda ýola goýulýan netijeli hyzmatdaşlyk ýurduň möhüm durmuş-ykdysady ösüş wezipelerini üstünlikli amala aşyrmakda ýardam bermäge, hususan-da, milli ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmaga we diwersifikasiýalaşdyrmaga, «ýaşyl» we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçişi üpjün etmäge, içerki çig mal serişdeleriniň we harytlaryň eksportynyň artdyrylmagyny höweslendirmäge, ulag-

logistika geçelgelerini hem-de maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalaryny hem-de söwdany ösdürmäge, maýa goýum gurşawyny has-da gowulandyrmaga, dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmäge, adam maýasyny ösdürmäge, daşky gurşawa ýetirilýän oňaýsyz täsiri peseltmäge we beýleki ugurlara gönükdirilendir.

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolandan bäri halkara maliýe institutlary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýmakda we yzygiderli ösdürmekde baý tejribe toplady hem-de Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky we onuň düzüm birlikleri, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky hem-de onuň düzüm birlikleri, OPEK Halkara ösüş gaznasy we beýleki maliýe institutlary bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Türkmenistanda halkara maliýe institutlarynyň karz we muzdsuz kömek serişdeleriniň hasabyna ykdysadyýetiň pudaklarynda birnäçe möhüm taslamalar üstünlikli durmuşa geçirildi, bu ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan depginli ösmegine oňyn täsirini ýetirdi. Halkara maliýe institutlarynyň hünärmenleri we bilermenleri üpjünçilik ulgamlary boýunça aýry-aýry taslamalary durmuşa geçirmekde maslahatçylar hökmünde işe çekildi we olar ýokary işjeňlik görkezdiler.

Halkara maliýe institutlary ýerli hünärmenleriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak we kämilleşdirmek işine ýakyndan gatnaşýarlar. Bu guramalaryň beren karz serişdeleriniň hasabyna ýerli telekeçiler tarapyndan birnäçe önümçilik desgalary guruldy. Olar ýurda gelýän daşary ýurt pulunyň möçberini has-da artdyrmaga, kiçi we orta telekeçiligiň eksport kuwwatyny yzygiderli ýokarlandyrmaga hem-de içerki bazary ýurtda öndürilen harytlar bilen üpjün etmäge ýardam berýär.

Türkmenistan halkara maliýe institutlarynyň ýurtda alyp barýan işleriniň gerimini has-da giňeltjekdigine hem-de durmuşa geçirilýän taslamalara maliýe goldawyny bermegi dowam etdirjekdigine ynanýar. Şeýle hem, ykdysady syýasat we oňyn ösüş mümkinçiliklerini artdyrmak babatda, hususan-da, statistiki hasabatlylyk we seljerme-çaklama, pul-karz we býujet-salgyt syýasaty meselelerinde peýdaly maslahatlary berjekdigine,

Türkmenistanda netijeli makroykdysady dolandyryşyň we hususy pudagyň gerimini giňeltmäge esaslanan uzakmöhletli durnukly ösüşi goldajakdygyna bil baglaýar.

Türkmenistan metan zyňyndylaryny azaltmak, suwy we energiýany tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň netijeli işleýän pudagyny ýola goýmak meselelerinde halkara maliýe institutlary tarapyndan berilýän tehniki kömege gyzyklanma bildirýär hem-de bu taslamalary goldaýar.

Biziň ýurdumyz «döredijilikli ykdysadyýet» ugruny ýurtda ösdürmek boýunça halkara maliýe institutlary bilen ýakyn hyzmatdaşlyga taýýar we açyk bolmagynda galýar.

Türkmenistan «ýaşyl» we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçmek, milli ykdysadyýeti ylmy esaslara daýanýan hem-de innowasion-senagat häsiýetli ykdysadyýete öwürmek, ylym-bilim, oba hojalyk, şeýle-de daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiri pese düşürmek boýunça halkara maliýe edaralary bilen özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem netijeli dowam etdirmegi maksat edinýär.

Ýurdumyz halkara maliýe institutlary tarapyndan yglan edilen bütindünýä we sebit derejelerinde öňe sürülýän başlangyçlara we taslamalara ileri tutulýan bähbitlerden we gyzyklanmalardan ugur almak bilen işjeň gatnaşar hem-de köpugurly halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna goşulyşmak boýunça yzygiderli iş alyp barar.

Türkmenistan iri üpjünçilik ulgamlarynyň taslamalaryny karzyň hasabyna maliýeleşdirmek hem-de kiçi we orta telekeçilere karz bermek boýunça halkara maliýe institutlary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyga taýýardyr.

Türkmenistan özüniň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmak meýillerine halkara maliýe institutlary tarapyndan işjeň goldaw beriljekdigine, bu işlerde tehniki we maslahat beriş kömeginiň beriljekdigine hem-de bu ugurda gepleşikleri geçirmek üçin hünärmenleri taýýarlamaga işjeň gatnaşjakdygyna bil baglaýar.

Şeýle hem, döwletimiz energetika we ulag pudaklaryndaky halkara başlangyçlarynyň we sebitleýin taslamalarynyň halkara maliýe institutlary tarapyndan işjeň goldanyljakdygyna hem-de olary durmuşa geçirmekde maliýe we tehniki goldawlaryň beriljekdigine ynanýar.

Suw üpjünçiligi bilen bagly meseleleriň diňe bir biziň ýurdumyz üçin däl, eýsem tutuş Merkezi Aziýa sebitinde möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyny nazara alyp, Türkmenistan halkara maliýe institutlarynyň bu meselelerde ýeňillikli karzlary we muzdsuz kömekleri, şeýle hem tehniki we maslahat beriş goldawyny bermek arkaly işjeň gatnaşmagyna bil baglaýar.

Biziň ýurdumyzyň halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda ileri tutmagy meýilleşdirýän esasy ugurlarynyň biri hem hususy ulgamy, aýratyn hem, kiçi we orta telekeçiligiň taslamalaryny karzlaşdyrmak bolup durýar.

Türkmenistan bu ugurda degişli halkara maliýe institutlary, hususan-da, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky topary we OPEK Halkara ösüş gaznasy bilen özara peýdaly we netijeli hyzmatdaşlyga açykdyr. Milli ykdysadyýetde kiçi we orta telekeçiligiň möhüm orny tutýandygyny nazara almak bilen, bu ugurda gyzyklanma bildirýän beýleki halkara maliýe institutlary bilen hem iş alyp barmaga taýýardyr.

Durnukly ösüşi gazanmakda ileri tutulýan ugurlaryň ýene-de biri döwlet edaralarynyň hem-de hususy bölegiň daşary ýurtlara ýerleýän önümleriniň möçberini we mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bolup durýar.

Halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy ýakyndan ösdürmegiň çäklerinde Türkmenistan daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiri azaltmak, ykdysadyýetiň uglewodorod serişdelerine baglylygyny pese düşürmek, metan zyňyndylarynyň möçberini azaltmak, şonuň ýaly-da, ykdysadyýetiň pudaklary üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak ýaly möhüm ugurlara ünsi has-da güýçlendirmegi meýilleşdirýär.

Köptaraplaýyn halkara maliýe institutlary bilen bir hatarda, Türkmenistan ýakyn ýyllarda Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky (JBIC), Nippon eksport we maýa goýum ätiýaçlandyryş agentligi (NEXI), Koreýanyň «K-Sure» söwda ätiýaçlandyryş korporasiýasy, Koreýanyň eksport-import banky, Hytaýyň eksport-import banky, Beýik Britaniýanyň eksport-karz kepillendiriş edarasy «UKEF», Şweýsariýanyň eksport töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyryş agentligi «SERV», şonuň ýaly-da Italiýanyň «SACE» eksport-karz agentligi, Germaniýanyň «Euler Hermes» agentligi ýaly eksport-karz agentlikleri, şeýle-de «Deutsche Bank», «Commerzbank», «Paribas», «Citibank», «China Development Bank», «Bank of China», «First Abu Dhabi Bank», «Mizuho Bank», «SMBC Bank» ýaly we beýleki iri täjirçilik banklary bilen has ýakyndan we giň hyzmatdaşlygy ýola goýmagy maksat edinýär.

Maliýe bazaryny ösdürmekde ýurduň halkara karz reýting derejesiniň bolmagynyň möhüm orny tutýandygyny nazara alyp, biziň ýurdumyz iri halkara reýting agentlikleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmegi meýilleşdirýär. Halkara karz reýting derejesiniň bolmagy maýa goýum töwekgelçiliklerine oňyn baha bermegiň, karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmegiň hem-de halkara maliýe bazaryna elýeterliligi artdyrmagyň işjeň guraly bolup hyzmat edýär.

Şeýle hem, dünýäniň ösen döwletleri we iri maliýe we maýa goýum gaznalary, ösüş agentlikleri we guramalary, maliýe ulgamynda netijeli iş alyp barýan beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmak boýunça möhüm işler amala aşyrylar.

Maliýe bazarlarynyň umumylaşma şertlerinde bu ugurda durmuşa geçirilýän çäreleriň netijeliligi köp derejede ýokary hilli maglumat üpjünçiligine bagly bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda maliýe işine gatnaşýan taraplara işewürligi üstünlikli alyp barmakda zerur bolan maglumatlaryň üpjün edilmegi ugrunda toplumlaýyn çäreler amala aşyrylar.

Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary milli ykdysadyýetde ýetilen sepgitler we bar bolan mümkinçilikler barada maglumatlary daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş

serişdelerinde we işewürlik toparlarynyň arasynda giňden ýaýratmak boýunça işleri hem-de alnyp barylýan oýlanyşykly pul-karz syýasaty barada ýurduň içinde we daşary ýurtlarda wagyz etmek, mahabatlandyrmak boýunça zerur çäreleri yzygiderli durmuşa geçirerler.

Daşary syýasat babatda ygtyýarlylandyrylan edara hökmünde, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ýurduň pul-karz syýasatyny netijeli durmuşa geçirmek üçin amatly daşarky şertleri döretmek boýunça işleri netijeli dowam etdirer.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, şeýle hem beýleki degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan maliýe ulgamynda öňe sürülýän oňyn halkara başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmak boýunça işleri toplumlaýyn esasda dowam etdirerler hem-de köptaraplaýyn halkara maliýe institutlary, eksport-karz agentlikleri, iri täjirçilik banklary, döwlet eýeçiligindäki we garaşsyz maliýe hem-de maýa goýum gaznalary, iri halkara reýting agentlikleri, şeýle-de maliýe ulgamynda iş alyp barýan beýleki edaralar bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýarlar.

Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary halkara we sebit derejelerinde emele gelen ýagdaýlardan ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine degişli teklipleriň berilmegini dowam etdirerler. Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara şertnamalarynyň we ýurdumyzyň öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi boýunça işleri alyp bararlar hem-de olara gözegçilik ederler. Ýurduň maliýe bähbitleriniň daşary ýurtlarda ykrar edilmegini gazanmak boýunça başlangyçlary öňe sürerler we olary amala aşyrmak ugrunda netijeli işleri alyp bararlar.

Maliýe ulgamyna degişli köptaraplaýyn halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna ýurdumyzyň gatnaşmagynyň netijeliligini artdyrmak boýunça maksatlaýyn işler dowam etdiriler.

Türkmenistan halkara maliýe institutlarynyň halkara we sebitleýin taslamalaryna gatnaşmakda işjeňligini yzygiderli artdyrar.

Ýol kartasynda göz öňünde tutulan maksatlary we wezipeleri 2026–2028-nji ýyllar aralygynda durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär hem-de Ýol kartasynyň goşundysy hökmünde «Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işiniň 2026–2028-nji ýyllar üçin Meýilnamasy» goşulýar.